# Aýalyny pikir edýän adam

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýalyny pikir edýän adam AÝALYNY PIKIR EDÝÄN ADAM

Ýolda barýan awtoulaglaryň biri öňünde ýatan iti kakmajak bolup ruluny bir gyra aýlandan gyradaky çukura agdarylypdyr. Geçip barýan görmegeý zenan bolan wakany görüp säginipdir we agdarylan awtoulagdan çykyp, ýola dyrmaşmaga başlan adamdan sorapdyr:
– Agam, ýagdaýyňyz gowudyr-a?
– Erbet däl ýaly.
Aýal oňa:
– Derrew meň ulagyma mün – diýipdir. – Sizi öýüme äkidip, gowja seredeýin…
– Gowy aýal ekeniňiz, ýöne aýalym muny bilse gowulygyň üstünden barmaryn, gowsy ony gynandyrmaýyn-la.
– Biderek gürlemäň. Men lukman ahyryn. Göreli bakaly, göze görünmeýän şikes dagy alypsyňmy? Barlagdan geçireýin…
– Heý, men siz ýaly zenanyň sözüni ýykyp bilerinmi?..
Ahyrsoňunda bileje ol aýalyň öýüne barypdyrlar. Aýal ol adamy boýdan-başa barlagdan geçiripdir. Iki bolup birnäçe bulgur arak içenleriden soň, ýaňky adam:
– Indi özümi gowy duýup başladym. Emma aýalyma hakykatdanam haýp boldy! – diýipdir.
Aýal:
– Akmak bolmasana – diýipdir. – Ýene biraz bärde eglen. Aýalyň nirden bilsin? Ol häzir öýde dälmi näme?
– Ýok. Meger häzirem agdarylan çukurymyzda ýatan bolsa gerek!




**• GÜNÜÑ SÖZI**

Adamlar özleriniñ gowşak taraplaryny görkezýänleri halamaýar!

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 27.09.2023 ý. Degişmeler